# Erdogan käbirleriniñ başyny çaşyrdy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Erdogan käbirleriniñ başyny çaşyrdy ERDOGAN KÄBIRLERINIÑ BAŞYNY ÇAŞYRDY




Soñky üç-dört gün bäri häkimiýete ýakyn durýan žurnalistleriñ ýazgylaryny okap ýylgyranymy duýman galýaryn. Megerem, muny özleri entek duýýanam däldir diýip pikir edýärin!
Gürrüñ BRICS barada! (Guramanyñ ady oña gatnaşyjylaryñ adynyñ baş harpyndan alyndy: Braziliýa, Russiýa, Hindistan (India), Hytaý (China), Günorta Afrika Respublikasy (South Africa).
Köp polýusly global sistemany öñe sürýän BRICS topary Günbatar merkezli sistema garşy özboluşly alternatiwany emele getirmegiñ ugrunda…
Toparlanşyk soñky ýygnagyny alty gün öñ Günorta Afrikanyñ Ýohannesburg şäherinde geçirdi.
Häzire çenli BRICS-e agza bolmak üçin 22 ýurt resmi taýdan ýüzlendi we bu ýygnakda Argentinanyñ, Birleşen Arap Emirlikleriniñ, Efiopiýanyñ, Eýranyñ, Müsüriñ, Saud Arabystanynyñ topara çagyrylmagy makul bilindi. Alty täze agzanyñ 2024-nji ýylyñ 1-nji ýanwaryndan başlap topara agza bolmagy bilen BRICS-iñ agzasy indiki ýyl 11-e ýeter…
Sorag – Türkiýe nämüçin agzalyga kabul edilmedi?

Saud Arabystanynyñ, Birleşen Arap Emirlikleriniñn Müsüriñ, Eýranyñ agza bolmagy bilen BRICS-de iñ uly wekilçilige eýe regiona öwrülende, muña potensial agza pozisiýasyndaky Türkiýe nämüçin dahylly edilmedi?
Ýa-da:
Türkiýe BRICS-den uzaklaşyp, ýene ýüzüni Günbatara öwürdimi?




* * *

Türkiýe 2013-nji ýylda (FETÖ-nyñ eli bilen) Russiýanyñ uçaryny atyp düşürende, syýasy dartgynlylyklary ýumşatmak üçin BRICS-e doly hukukly agza bolmak üçin aýaga galdy.
Şol wagty ýada salyñ: PKK ýazylganlygynyñ soñlanmagy, FETÖ döwlet agdarlyşygynyñ şowsuzlyga uçramagy we çepçi liberal bükürden halas bolma prosesi bilen AKP-Erdoganyñ gatnaşyklary

ABŞ bilenem, Ýewropa bileleşigi bilenem mazaly ýaramazlaşdy. Erdoganyň 2018-nji ýylda ýene Ýohannesburgdaky BRICS ýygmagyna gatnaşmagy Türkiýäniň täze döwürdäki gözlegleri taýdan derwaýys hasaplandy. Õzem:
Soňky bäş ýylda Erdogan BRICS-e höwesjeň ýapyşdy. 2022-nji ýylda Putiniň Türkiýäni BRICS-e gatnaşmaga çagyrmagy bilen gatnaşyk soňky sepgidine çykdy. Eýse:
2023-nji ýylyň saýlawlarynyň yzysüre AKP-Erdogan ýene köne daşarky syýasata gaýdyp geldimi?
Saýlawdan soň Erdoganyň daşarky syýasat ugry boýunça aýdan zatlaryna seretseňiz, näme diýjek bolýanyma düşünersiňiz!
Galyberse-de:
BRICS ýygnagyndan öňüni ýatladasym gelýär: soňky döwürde kän göze ilmeýän Hytaýyň Daşary işler ministri Wan I Türkiýede resmi saparda boldy. Ol Türkiýäniň BRICS-e goşulma arzuwynyň bardygyny bilýändigini aýtdy.
Sorag – bu resmi sapar aslynda Türkiýäniň BRICS agzalygyna kabul edilmegi üçin öňünden geçirilen duşuşykmydy? AKP-Erdogan bijaý jogap berdimi?
Ýene bir mysal arkaly düşündirmäge synanyşaýyn:




*Türkiýäniň prezidenti R.T.Erdogan we Hytaýyň Daşary işler ministri Wan I*
* * *

BRICS-iñ iki esasy şahasy bar:
– Täze Ösüş banky (NDB) we Ýagdaýa görä Rezerw düzgünleşdirmesi (CRA).
Maksatnamalaryň maliýeleşdirilmeginde NDB Bütindünýä banky, CRA bolsa halkara walýuta rezerwleri gowşaýan we az wagtlyk tölen deňagramlylygyny ýitiren ýurtlary likwidnost bilen üpjün etmek üçin IMF ýaly iş alyp barýar…
AKP-Erdogan maliýe krizisini başdan geçirende BRICS ýygnagyna gatnaşyp, NDB-iň we CRA-nyň öňünde hiç hili talaplaryny goýman, alty ýyldan soň birinji gezek IMF-iň indiki aý Ankara gelýänini nähili düşündirmrk gerek?
Serediň:
BRICS-iň soňky ýygnagynyň esasy temasy pul birligi boldy. Çünki ilkinji nobatda Hytaýdyr Russiýa ýaly ýurtlar amerikan dollarynyň gegemoniýasynyň biloňurgasyny ýazdyrmak isleýär.
Häzirlikçe bu talap doly kabul edilmän, ýerli pul birlikleri bilen söwda etmek pikiri agyr basýanam bolsa, soň näme boljagy görnüp dur…
Muny ýatlatmagymyň sebäbi AKP-Erdogan dollar soltanlygyny ýykma maksatly topara indi sowuk garaýarmy? Resmi agza bolmak islemeýändiginiň sebäbem ýurduň ümzügini ýene Günbatar gegemoniýasyna tarap öwürmegimi?
Ine… Häkimiýete ýakyn durýan käbir žurnalistleriň öwgüli odalaryny şonuň üçin ýylgyryp okaýaryn: Erdoganyň ugursyzlygy bu kärdeşleriň başyny çaşyryp taşlady!

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 31.08.2023 ý. Publisistika